Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň
2021-nji ýylyň 9-njy dekabrynda çykaran 442 belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Iýmit önümleriniň we azyk çig malynyň, suwuň, topragyň düzüminde we adamyň ýaşaýan gurşawynyň beýleki obýektlerinde mikroorganizmleriň we beýleki biologik organizmleriň ýol berilýän möçberlerini tassyklamak barada»**

2021-nji ýylyň 13-nji martynda kabul edilen «Ýokanç keselleriň öňüni almak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasynyň 6-njy bendine, «Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 16-njy aprelinde çykaran 2230-njy karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi hakynda Düzgünnama laýyklykda hem-de "Türkmenistanyň Prezidentiniň "Saglyk" döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 26-njy martynda çykaran 2195-nji karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Prezidentiniň "Saglyk" döwlet maksatnamasyny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Iýmit önümleriniň we azyk çig malynyň, suwuň, topragyň düzüminde we adamyň ýaşaýan gurşawynyň beýleki obýektlerinde mikroorganizmleriň we beýleki biologik organizmleriň ýol berilýän möçberlerini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň başlygy M.Mämmedow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **N.Amannepesow**

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministriniň
2021-nji ýylyň 9-njy dekabrynda
çykaran 442 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Iýmit önümleriniň we azyk çig malynyň, suwuň, topragyň düzüminde we adamyň ýaşaýan gurşawynyň beýleki obýektlerinde mikroorganizmleriň we beýleki biologik organizmleriň ýol berilýän möçberleri

### I bap. Iýmit önümleriniň we azyk çig malynyň düzüminde kesel döredijі mikroorganizmleriň ýol berilýän möçberleri

| Görkezijiler | Iýmit önümleriň topary | Önümiň agramy (gram, ml), şol agramda şu tablisanyň birinji sütüninde görkezilen mikroorganizmleriň bolmagyna ýol berilmeýär |
|---|---|---|
| 1. Kesel döredijі mikroorganizmler, şol sanda salmonellalar | 1) et we et önümleri, haýwanlaryň içgoşlary we kellebaşaýagy, doňzuň ýagy (şpik) we olaryň önümleri; | 25 gram |
| | 2) guşlaryň ýumurtgasy we olaryň gaýtadan işlenen önümleri; | 25 gram<br>125 gram – çig ýumurtgalarda (her biri 25 gram bolan 5 sany nusga); barlag ýumurtganyň sarysynda geçirilýär |
| | 3) süýt we süýt önümleri (sterilizirlenen, aseptiki şertlerde gaplamak bilen ultrapasterizirilenen önümlerden başga), gönezlikler üçin iýmit gurşawlary, süýdüň kesilmegine getirýän serişdeler, doňdurma üçin gury garyndylar; | 25 gram<br>(50 gram–laktulozanyň, süýt belogynyň, kazeiniň toplanmasy üçin) |
| | 4) gönezlikler; | 100 millilitr (suwuk görnüşde),<br>10 gram (gury görnüşde) |
| | 5) balyk, awlanan balyk däl onümler we olardan öndürilen önümler (balyk ýagyndan başga); | 25 gram |
| | 6) un-ýarma önümleri (gaýnatmany talap etmeýän ýarmalar, içine huruş salnan ýumurtgaly un aşlar, kepekler we iýmitlik süýümler), içine huruş salnan çörek-bulka önümleri; | 25 gram |
| | 7) şekerli konditer önümleri, sakgyç, kakao önümleri, şokolad we şokolad önümleri, unly konditer önümleri; | 25 gram |
| | 8) ter gök önümler we ýeralma; gyzgyn suw ýa-da bug bilen gysga wagtda işlenilen, gaýnadylan, çalt doňdurylan, gury, turşadylan, duzlanan, ezilen gök önümler, ýeralma, kömelekler, miweler we olaryň gaýtadan işlenilenen önümleri we olaryň sterilizirlenmedik önümleri; | 25 gram |
| | 9) pastrizilenen miweleriň şire önümleri, täze sykylyp alnan şireler, goýaldylan şireler, goýaldylan morslar we goýaldylan miweleriň we (ýa-da) gök önümleriň püreleri, şol sanda bu önümleriň çalt doňdurylan görnüşleri; | 25 gram |
| | 10) jazlar (huruşlar), hoşboý ysly tagam berjiler, hozlar, iýmitde ulanmak üçin ýag alynýan ösümlikleriň tohumlary; | 25 gram |
| | 11) ýörite niýetlenen ýaglar, şol sanda aşpezlik, konditer we çörek bişirmek üçin niýetlenen ýaglar; | 25 gram |

| | | |
|---|---|---|
| | 12) maýonezler, maýonezli souslar, ösümlik ýaglaryň esasyndaky souslar;<br>13) margarinler, süýt ýagynyň ýerini tutujylar, kakao ýagynyň ýerini tutujylar, eredilen ýaglaryň garyndylary, spredler, ösümlik ýagynyň esasyndaky kremler; | |
| | 14) alkogolsyz içgiler, içgiler üçin goýaltmalar we garyndylar, miwe şireleri, turşama içgileri, piwo we piwo esasly içgiler; | 25 millilitr<br>(100 millilitr – ýaramlylyk möhleti 30 güne çenli bolan alkogolsyz içgiler üçin) |
| | 15) beloklaryň izolýatlary we toplanmalary (konsentratlary) hem-de olaryň gaýtadan işlenilen önümleri; Pektin, agar-agar, želatin, şepbikler, krahmal we onuň gaýtadan işlenen önümleri, maýalar, önümçilikde ulanylýan başlangyç mikroorganizmler, iýmit goýaltmalary, taýýar aşpezlik önümleri, jemgyýetçilik iýmiti üçin tagamlar; | 25 gram<br>(10 gram–önümçilikde ulanylýan başlangyç mikroorganizmler üçin;<br>50 gram–jemgyýetçilik iýmitiniň içgileri üçin) |
| | 16) iýmite goşulýan biologik işjeň goşundylar; | 10 gram<br>(25 gram– iýmit süýümleriniň esasyndaky biologik işjeň goşundylar üçin, çagalar üçin gury çaýlar-biologik işjeň goşundylar;<br>50 gram– arassa probiotik mikroorganizmleriň esasyndaky suwuk biologik işjeň goşundylar üçin) |
| | 17) göwreli aýallaryň we çaga emdirýän eneleriň iýmiti üçin süýt esasyndaky önümler*; | 50 gram |
| | 18) irki ýaşdaky çagalar üçin iýmit önümleri:<br>uýgunlaşdyrylan (adaptirlenen) şol bada taýýarlanylýan başlangyç we soňraky süýt garyndylary, şol bada taýýarlanylýan gury süýt (sterilizirlenen, ultrapasterizirlenip aseptiki şertlerde gaplananlardan başga)*;<br>19) sterilizirlenen uýgunlaşdyrylan süýt garyndylary, süýt aşhanalarynda taýýarlanylan, aseptiki şertlerde guýulmadyk sterilizirlenen süýt we gaýmak; berhizlik bejeriş iýmiti üçin ýöriteleşdirilen iýmit önümleri (et we süýt esasyndaky sublimirlenen önümlerden we pes belokly önümlerden başga); | 100 gram |
| | 20) irki ýaşdaky çagalar üçin iýmit önümleri:<br>a) däne esasyndaky goşmaça iýmit önümi - gaýnatmany talap edýän un we ýarma;<br>b) otlardan taýýarlanan çagalar üçin içgiler - otly çaýlar, gury süýt; | 25 gram |
| | 21) irki ýaşdaky çagalar üçin beýleki iýmit önümleri, şol sanda çagalaryň berhizlik - bejeriş iýmiti üçin: et we | 50 gram |

| | | |
|---|---|---|
| | süýt esasyndaky sublimirlenen önümler, pes belokly önümler;<br>22) termiki işlemeleri talap edýän soňraky we bölekleýin uýgunlaşdyrylan süýt garyndylary, aseptiki şertlerde guýlan uýgunlaşdyrylan suwuk süýt turşy garyndylar, termiki işlemeleri talap edýän uýgunlaşdyrylan we soňraky süýt garyndylary (sterilizirlenen, aseptiki şertlerde gaplanyp, ultrapasterizirlenen, konserwirlenen önümlerden başga)*;<br>23) gury ýarmalar üçin (gury önümlerde); | |
| | 24) mekdebe çenli we mekdep ýaşly çagalaryň iýmiti üçin iýmit önümleri (alyjylar gabyndaky aseptiki şertlerde guýulmadyk ultrapasterizirlenen süýtden başga; alyjylar gabyndaky aseptiki şertlerde guýulmadyk ultrapasterizirlenen gaýmakdan, gaplanan önümlerden başga). | 25 gram<br>(100 gram– alyjylar gabyndaky aseptiki şertlerde guýulmadyk ultrapasterizirlenen süýt; alyjylar gabyndaky aseptiki şertlerde guýulmadyk ultrapasterizirlenen gaýmak) |
| 2. Listeria monositogenez | 1) et we et önümleri, mallaryň içgoşlary we kellebaşaýagy, doňuz ýagy (şpik) we olaryň önümleri (iýmitlik gandan başga); | 25 gram |
| | 2) süýt we süýt önümleri, şol sanda ýumşak doňdurma üçin gury garyndylar (sterilizirlenen, ultrapasterizirlenip aseptiki şertlerde gaplanan çig süýtden, ýagsyzlandyrylan çig süýtden we çig gaýmakdan, hem-de süýtturşy, gury, goýaldylan önümlerden, peýnir we ereme peýnir önümlerinden, eredilen ýagdan (saryýag), süýt ýagyndan, gaýmakly-ösümlik eredilen garyndylardan başga); | 25 gram<br>(ýumşak we duzly peýnirler üçin - her biriniň agramy 25 gram bolan 5 sany nusgalarda) |
| | 3) awlanyp tutulýan balyk, balyk däl onümler we olardan öndürilýän önümler (guradylanlardan, kakadylanlardan we pasterizirlenen işbilden başga); | 25 gram |
| | 4) gyzgyn suw ýa-da bug bilen gysga wagtda işlenilen, çalt doňdurylan gök önümler, ýeralma we olardan taýýarlanan önümler, çig gök önümlerden we miwelerden taýýarlanan işdäaçarlar; täze sykylan şireler; | 25 gram |
| | 5) ösümlik-gaýmakly spredler; | 25 gram |
| | 6) göwreli aýallar we çaga emdirýän eneler üçin süýt we soýa esasly önümler*; | 50 gram<br>25 gram–süýtli-däneli esasly gury önümler üçin (gury önümde) |
| | 7) irki ýaşdaky çagalar üçin iýmit önümleri:<br>a) şol bada taýýarlanylýan uýgunlaşdyrylan, başlangyç we soňraky süýt garyndylary, şol bada taýýarlanylýan gury süýt;<br>b) berhizlik - bejeriş iýmiti üçin ýöriteleşdirilen iýmit önümleri: agramyny almadyk, ýeterlik sagdyn | 100 gram |

| | | |
|---|---|---|
| | dogulmadyk çagalar üçin önümler, ýokary beloklу, pes laktozaly we laktozasyz gury süýt önümleri (sterilizirlenen we ultrapasterizirlenip aseptiki şertlerde gaplanan, önümlerden başga)*;<br>ç) süýt aşhanalarynda taýýarlanan sterilizirlenen uýgunlaşdyrylan süýt garyndylary, aseptiki şertlerde guýulmadyk sterilizirlenen süýt we gaýmak; | |
| | 8) irki ýaşdaky çagalar üçin süýt esasyndaky beýleki iýmit önümleri (sterilizirlenenlerden we ultrapasterizirlenip aseptiki şertlerde gaplananlardan başga)*;<br>gury aşlar üçin – gury önümde; | 50 gram |
| | 9) irki ýaşdaky çagalaryň iýmiti üçin gury süýt; | 25 gram |
| | 10) mekdebe çenli we mekdep ýaşly çagalaryň iýmiti üçin iýmit önümleri: etden, awlanyp tutulýan balykdan we balyk däl önümlerden ýarym taýýar önümler, paştetler we etli aşpezlik önümleri, şöhlat önümleri (büzmeçeler we büzmeler) süýt we süýt önümleri (sterilizirlenen, ultrapasterizirlenip aseptiki şertlerde guýlyp gaplananlardan başga). | 25 gram |
| 3. Enterobakter sakazakii | 1) irki ýaşdaky çagalar üçin iýmit önümleri: uýgunlaşdyrylan süýt garyndylary, 6 aýa çenli ýaşly çagalar üçin şol bada taýýarlanylýan gury süýt aşlary;<br>2) 6 aýa çenli ýaşly çagalar üçin berhizlik-bejeriş iýmiti, ýeterlik sagdyn dogulmadyk we (ýa-da) agramyny almadyk çagalar üçin ýöriteleşdirilen gury iýmit önümleri (gury önümde);<br>3) doglandan başlap, çagalara bermek üçin süýt aşhanalarynda taýýarlanylan pasterizirlenen dikeldilen süýt garyndylary*. | 300 gram kadalaşdyrylýan agramda içege taýajyklary (eşerihiýa koli) we salmonellalara degişli bolmadyk enterobakteriýalar ýüze çykarylanda |
| 4. Ýersinia maşgalasyna degişli bakteriýalar | 1) gury gök önümler we ýer alma hem-de olaryň gaýtadan işlenen önümleri;<br>2) çig gök önümlerinden taýýarlanylan önümler, kesilen, gyzgyn suw ýa-da bug bilen gysga wagtda işlenilen, şol sanda doňdurylan gök önümler we miweler. | 25 gram (önümçiligiň ýerleşýän sebitinde epidemiki ýagdaýlar bar bolanda) |
| 5. Stafilokok enterotoksinleri | 1) peýnirler we peýnir önümleri, peýnir pastalary, şol sanda çaga iýmiti üçin;<br>2) süýt esasyndaky çaga iýmiti üçin gury iýmit önümleri (gury aşlardan başga), şol sanda berhizlik - bejeriş üçin ýöriteleşdirilen iýmit önümleri. | 125 gram (her biriniň agramy 25 gram bolan 5 sany nusgalarda); (önümiň kadalaşdyrylýan agramynda altyn öwüşginli stafilokok bakteriýasy tapylan ýagdaýynda) |

*ulanylmaga taýýar önümlerde.

## II bap. Suwuň düzüminde mikroorganizmleriň we beýleki biologik organizmleriň ýol berilýän möçberleri

## §1. Agyz suwunyň düzüminde mikroorganizmleriň we beýleki biologik organizmleriň ýol berilýän möçberleri

| Mikrobiologiki we parazitologiki görkezijiler | Ölçeg birlikleri | Ýol berilýän möçberi |
|---|---|---|
| Termotolerant koliform bakteriýalar | 100 millilitrde bakteriýalaryň sany[1] | Bolmaly däl |
| Umumy koliform bakteriýalar[2] | 100 millilitrde bakteriýalaryň sany[1] | Bolmaly däl |
| Umumy mikrob sany[2] | 1 millilitrde koloniýa emele getiriji bakteriýalaryň sany | 50-den köp bolmaly däl |
| Kolifaglar[3] | 100 millilitrde nyşan (blýaşka) emele getiriji birlikleriň sany | Bolmaly däl |
| Sulfidredusirleýji klostridiýleriň düwünçekleri (sporalary)[4] | 20 millilitrde düwünçekleriň sany | Bolmaly däl |
| Lýambliýleriň daşyna perde emele getiren görnüşleri (sistleri)[3] | 50 litrde sistleriň sany | Bolmaly däl |

Bellik:

1) seçilip alnan nusgalykda 100 millilitrden 3 gezek barlag geçirmeli;

2) daşky we içerki suw geçiriji suw ulgamynyň ulanyş nokatlaryndan 12 aýyň dowamynda alnan 100-den az bolmadyk nusgada barlag geçirilende nusgalaryň 95%-de kadadan ýokarlanma ýol berilmeýär;

3) diňe ýerüsti suw çeşmelerinden paýlaýjy ulgama suwuň berilmezinden ozal kesgitlenilýär;

4) suw tehnologiýa taýdan işlenilende onuň netijesinde baha bermek üçin kesgitlenilýär.

1. Hojalyk-agyz suwy mikrobiologiki möçberlere barlanylanda her nusgada termotolerant koliform bakteriýalar, umumy koliform bakteriýalar, umumy mikrob sany we kolifaglar kesgitlenilýär.

2. Hojalyk-agyz suwunyň nusgasynda termotolerant koliform bakteriýalary we (ýa-da) umumy koliform bakteriýalary we (ýa-da) kolifaglar ýüze çykan ýagdaýynda gyssagly tertipde gaýtadan alnan suw nusgalarynda olaryň barlagy amala aşyrylýar. Beýle ýagdaýlarda suwuň hapalanmagynyň sebäbini bilmek üçin bir wagtyň dowamynda suwuň düzüminde hloridler, ammoniý azoty, nitratlar we nitritler hem kesgitlenilýär.

3. Gaýtadan alnan suw nusgalygynyň 100 millilitrinde 2-den köp sanly umumy koliform bakteriýalary we (ýa-da termotolerant koliform bakteriýalary, we (ýa-da) kolifag ýüze çykarylan ýagdaýynda suw nusgalygynda içege taýajyklar toparynyň patogen bakteriýalarynyň we (ýa-da) enterowiruslaryň kesgitlenilmegi üçin barlag geçirilýär.

## §2. Ýerüsti suw çeşmeleriniň suwunyň düzüminde mikroorganizmleriň we beýleki biologik organizmleriň ýol berilýän möçberleri

| Mikrobiologiki we parazitologiki görkezijiler | Ölçeg birlikleri | Ýol berilýän möçberi | |
|---|---|---|---|
| | | Agyz suwy we hojalyk - durmuş maksatlary üçin ulanylýan suw çeşmeleriniň suwunda | Dynç alyş zolaklarynda hem-de ilatly nokatlaryň çäklerindäki suw çeşmeleriniň suwunda |
| Içege ýokanç keselini döredijiler | Bolmaly däl | | |
| Gelmintleriň (askarida, wlasoglaw, toksokap, fassiol), teniidleriň onkosferalarynyň ýaşaýşa ukyply ýumurtgalarynyň we patogen içege ýönekeýjeleriniň ýaşaýşa ukyply daşyna perde emele getiren görnüşleri | 25 litrde | Bolmaly däl | Bolmaly däl |
| Termotolerant koliform bakteriýalar* | 100 millilitrde koloniýa emele getiriji birlikleriň sany | 100-den köp bolmaly däl | 100-den köp bolmaly däl |
| Umumy koliform bakteriýalar* | 100 millilitrde koloniýa emele getiriji birlikleriň sany | 1000-den köp bolmaly däl* | 500-den köp bolmaly däl |
| Kolifaglar* | 100 millilitrde nyşan emele getiriji birlikleriň sany | 10-dan köp bolmaly däl* | 10-dan köp bolmaly däl |

*Merkezleşdirilen suw üpjünçilik üçin; merkezleşdirilmedik agyz suwy hökmünde ulanmak üçin suw zyýansyzlandyrmaga degişlidir.

## III bap. Topragyň düzüminde mikroorganizmleriň we beýleki biologik organizmleriň ýol berilýän möçberleri

| Topragyň mikroorganizmler bilen hapalanma derejesi | Içege taýajyklar toparynyň bakteriýalarynyň ýol berilýän möçberi | Enterokoklaryň indeksiniň ýol berilýän möçberi | Patogen bakteriýalaryň, şol sanda salmonellalaryň ýol berilýän möçberi | Geogelmintleriň ýumurtgalarynyň sany (kg) | 20×20 sm meýdanly toprakda siňekleriň ösüş döwründäki gurçuklara (mundan beýläk – L) we gozajyklara (mundan beýläk – K) ýol berilýän möçberi |
|---|---|---|---|---|---|

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Arassa | 1-10 | 1-10 | Bolmaly däl | Bolmaly däl | Bolmaly däl |
| Aram howply | 10-100 | 10-100 | Bolmaly däl | 10-a çenli | L - 10-a çenli<br>K – Bolmaly däl |
| Howply | 100-1000 | 100-1000 | Bolmaly däl | 100-e çenli | L - 100-e çenli<br>K -10-a çenli |
| Aýratyn howply | 1000 we ýokary | 1000 we ýokary | Bolmaly däl | >100 | L >100<br>K > 10 |

## IV bap. Saglygy goraýyş kömegini berýän edaralaryň otaglarynyň howasynda mikroorganizmleriň ýol berilýän möçberleri

| Howanyň arassalyk derejeleri | Saglygy goraýyş kömegini berýän edaralaryň otaglarynyň atlary | Sanitariýa-mikrobiologiki görkezijiler | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | 1 $m^3$ howada mikroorganizmleriň umumy sany (koloniýa emele getiriji bakteriýalar – KEGB/1 $m^3$) | | 1 $m^3$ howada altyn öwüşginli stafilokok bakteriýasynyň koloniýalarynyň sany (KEGB/ 1 $m^3$) | |
| | | Işden öň | Iş wagtynda | Işden öň | Iş wagtynda |
| 1-nji dereje | Organlaryň we dokumalaryň transplantasiýasy, ýokary tehnologiýaly we çylşyrymly lukmançylyk-hirurgiki amallar üçin otaglar | 10-dan köp bolmaly däl | 50-den köp bolmaly däl | Bolmaly däl | Bolmaly däl |
| 2-nji dereje | Hirurgiki amaldan soňky näsag otaglary; immunoýetmezçilik ýagdaýly näsaglar üçin aseptiki otaglar, şol sanda ýanyk şikesli näsaglar otagy; zyýansyzlandyryjy otaglar; merkezleşdirilen zyýansyzlandyryş bölümleriniň zyýansyzlandyrylan zolaklarynyň otaglary | 200-den köp bolmaly däl | 500-den köp bolmaly däl | Bolmaly däl | Bolmaly däl |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 3-nji dereje | Hirurgiki amaldan öňki näsag otaglary; dogrum otaglary; sargy otaglary; amallar (manipulýasiýa, prosedura) otaglary; sanjym otaglary; reanimasiýa we anesteziologiýa, intensiw otaglary we zallary; ýeterlik sagdyn dogulmadyk, emýän, şikesli, täze doglan çagalar üçin otaglar | 500-den köp bolmaly däl | 750-den köp bolmaly däl | Bolmaly däl | Bolmaly däl |
| 4-nji dereje | Hirurgiýa bölümleriniň we dogrumdan soňky otaglar | 750-den köp bolmaly däl | 1000-den köp bolmaly däl | Bolmaly däl | 2-den köp bolmaly däl |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2022-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda 1548 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.